

www.zamanturkmenistan. com.tm

# NÄME HAÇAN NIREDE

## ÇAGALAR ÜÇIN GÜÝMENJE KITAPÇASY

**Biziň salgymyz: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar köçesi), 10-A jaýy.**

**Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36**

**Web: https://zamanturkmenistan.com.tm**

**Elektron poçta:**

**zamanturkmenistan@sanly.tm**

**info.zamanturkmenistan@gmail.com**

© Zaman Türkmenistan | Ähli hukuklary goralandyr.

**zaman_turkmenistan**

**https://zamanturkmenistan.com.tm**

PDF

# Mazmuny:


Adam şeklindäki oba

Tomus paslynda bolup geçýän geň-taň hadysalar

Mars barada maglumatlar

KIM, HAÇAN OÝLAP TAPDY?

BATBÖREK

Tomsuň tagamy

Hekaýa, tymsal

“KERWEN” - TÜRKMEN MILLI OÝNY

“JENGA DIŇI” - PEÝDALY OÝNAWAÇ

Italiýanyň Sisiliýa adasynda ýerleşýän Çenturipe obasy dag gerişlerinde gurlan täsin binagärligi emele getirýär. Uçardan seredeniňde elini we aýaklaryny uzadyp duran adamyň şekiline meňzeýän bu obanyň taryhy biziň eýýamymyzdan öňki V asyrdan gözbaş alýar. 1548-nji ýylda obanyň häzirki wagtdaky görnüşi täzeden gurulýar. Käbir bilermenler obanyň täsin şekilini deňiz ýyldyzyna hem meňzedýärler. 173 müň 318 gektar meýdany eýeleýän bu obada 5 müň 700 töweregi adam ýaşaýar. 730 metr belentlikde ýerleşýän bu obada birnäçe myhmanhana, mekdepdir çagalar baglary, ellinistik jaýlar, muzeýler hem-de zeýtun tokaýlyklary bar. Belentlik-peslik derejesi göz öňünde tutulyp, obadaky ýollar sepleşip gidýän görnüşde gurlupdyr. Merkezinden dürli ugurlara uzap gidýän ýollar daşarky halkalaýyn ýollar bilen birigip, ulaglaryň sazlaşykly hereketini üpjün edýär. Oba ilaty, esasan, galla önümlerini ýetişdirmek bilen meşgullanýar, şeýle hem bu ýerden hek we mermer daşlary gazylyp alynýar.

**Obada görmeli ýerler:**

**Rim ýadygärligi.** Rimlilerden saklanyp galan bu jaý Kataniýa baýrynda ýerleşýär. Obanyň täsin görnüşini synlamaga mümkinçilik berýän bu ýere agaçlar bilen örtülen giň ýol arkaly barylýar.

**Çenturipe muzeýi.** Bu muzeýde grek we rim döwründen galan 3 müň töweregi taryhy tapyndy bar. Muzeý obanyň taryhy we medeniýeti bilen ýakyndan tanyşmaga mümkinçilik berýär.

**Rim hammamlary.** Obadaky depäniň eteginde bäş arka bölek bolup duran gadymy hammam bar. Rimlileriň döwründe ulanylan bu ýerde eşik çalşylýan otagyň, sowuk suwly hammamyň hem-de 3 bölek açyk howzuň bolandygy çaklanylýar.

**Gowak suratlary.** Simeto derýasynyň golaýyndaky zeýtun we pyrtykal tokaýlyklarynyň töwereginden tapylan gowakda iň gadymy şekilleri görmek bolýar. Şekillerde tans edýän adamlar, deprekler suratlandyrylyp, gara we gyzyl reňkler ulanylypdyr.

# ADAM ŞEKILINDÄKI OBA









# Tomus paslynda
## bolup geçýän geň-taň hadysalar

***Her paslyň özüne mahsus gözelligi, aýratynlygy bar. Tomus paslynda hem tebigatda üýtgeşik hadysalar bolup geçýär. Geliň, olaryň käbiri bilen tanyş bolalyň!***

**Batmaýan Gün:**

Ýer ýüzüniň has günortasynda hem-de demirgazygynda uzak wagtlap Gün batmaýar. ABŞ-nyň Alýaska ştatyndaky Ferbanks şäherinde, Russiýanyň Sankt-Peterburg şäherinde tomusda birnäçe aýlap daş-töwerek hemişe ýagty bolýar. Şol döwürde Gün ýarygijä golaý ýaşýan hem bolsa, gijesi bilen ýagty bolýar. Bu üýtgeşik tebigy hadysa “ak gijeler” diýilýär. Antarktikada bolsa, tomus paslynda tutuşlygyna Gün hiç hili batmaýar.


Ferbanks


Antarktika


Sankt-Peterburg


Sankt-Peterburg

**Bulut örtügi:** Bu pasylda howa käbir ýerlerde üýtgeşik tebigy görnüşleri döredýär. Günorta Afrika Respublikasynyň Keýptaun şäheriniň golaýyndaky Stol dagynda bulut örtügi peýda bolýar. Oňa stol buludy diýilýär. Boliwiýadaky Uýuni şorlugy bolsa äpet aýna öwrülýär. Deňiz derejesinden 3650 metr belentlikdäki Uýuni (*ispançasy: Salar de Uyuni*) dünýäniň iň beýikde ýerleşýän duz köli hasaplanýar. Şeýle hem ol Ýer ýüzündäki iň giň şorluk bolup, 10 582 inedördül km meýdany eýeleýär.


Meteor ýagyşy


Meteor ýagyşy

**Meteor ýagyşy:** Ýyldyz süýnenini gören bolsaňyz gerek?! Aslynda, ýyldyzyň süýnmegi kosmosdaky meteoritleriň Ýeriň atmosferasyna girip, ýanmagyndan ybaratdyr. Her ýylyň iýul aýynyň ortasyndan awgustyň ortalaryna çenli meteorit akymlary bolup geçýär. Bu kosmiki hadysa Günorta ýarym şarda şäherden uzak ýerlerde Günüň dogmagynyň öň ýanyndaky pursatlarda has aýdyň görünýär. Şol döwür her sagatda 60 meteorit atmosfera girýär. Ol 28-29-njy iýulda has güýçli ýagdaýda bolup geçýär.









**Çyrlak sesi:** Agşamara çyrlaklaryň sesi gelýän bolsa, tomus paslynyň gelendiginiň alamaty. Olaryň sesine görä, howanyň ýagdaýyny hem bilip bolýar. Sebäbi, jyrlamagynyň ýygylygy howanyň temperaturasyna görä üýtgeýär. Eger, çalt jyrlaýan bolsa, diýmek howanyň yssydygynyň alamaty. Hatda olaryň sesiniň tizligini ölçäp, howanyň näçe derejededigini hem bilip bolýar. Çyrlaklaryň 25 sekuntda näçe gezek jyrlandygyny sanap, üçe bölüp, dördi goşsaň howanyň näçe derejedigini anyklap bolýar.



**Diňe güller ösmeýär:** Ýaz we tomus aýlarynda diňe ösümlikleriň boýy ösmeýär. Fransiýanyň paýtagty Pariždäki “Eýfel” diňiniň hem boýy yssy howada uzalýar. Metalyň gyzanynda uzalýandygyny bilýänsiňiz. Bu täsin ymarat hem tutuşlygyna polatdan ýasalandygy üçin tomusda süýnüp, 15 sm çemesi uzalýar. Şeýle hem alymlar yssy howada adamyň dyrnaklarynyň hem çalt ösýändigini belleýärler. Emma onuň sebäbi entek nämälimdigine galýar.

# Mars barada maglumatlar

Günüň daşyndan aýlanýan jemi sekiz planeta we birnäçe asman jisimi bolup, Mars Gün tarapdan dördünji ýerde durýar.

Marsa “Gyzyl planeta” hem diýilýär. Sebäbi onuň reňki hakykatdan hem gyzyl. Munuň sebäbi ol planetada demir oksidi diýen himiki maddanyň bolmagydyr.

Mars Gün ulgamynyň 7-nji uly planeta hasaplanýar. Onuň diametri 6 791 kilometr bolup, Ýeriň iki essesine barabardyr.

Günden daş bolanlygy sebäpli bu planetada howa örän sowuk bolup, onuň ekwatorynda 20 dereje ýyly, polýuslarynda 140 dereje sowuk bolýar.

Gün ulgamyndaky planetalardaky iň uly dag Marsda ýerleşýär. Olimpus atly dagyň beýikligi 24 kilometre barabar bolup, ol Ewerestden üç esse töweregi beýikdir.

Eger Marsa baryp bökseňiz, ýerdäkiden üç esse ýokary bökersiňiz. Sebäbi ol planetadaky dartyş güýji biziň planetamyzdan has azdyr.

Aý Ýeriň ýeke-täk hemrasydyr. Marsyň bolsa, iki hemrasy bar. Olar “Phobos” hem-de “Deimos” diýlip atlandyrylýar.

Marsda bir gije-gündiz 24 sagat 37 minutlap, bir ýyl 687 günlap dowam edýär. Planetanyň Günüň daşyndan bir gezek aýlaw edýän wagtyna ýyl diýilýär. Diýmek, biziň planetamyz bu aýlawy 365 günde tamamlaýan bolsa, Marsyň Günüň daşyndan aýlanmagy üçin 687 gün gerek bolýar.

Marsda suwuk halda suw ýok. Emma geçirilen barlaglaryň netijesinde ýerasty buz kölüniň bardygy anyklandy.

Häzire çenli adamzat asman jisimlerinden diňe Aýa aýak basyp gördi. Soňky ýyllarda Marsda hemişelik ylmy barlag merkezlerini döretmek we ol ýere adam äkitjek kosmos gämilerini işläp düzmek üçin işler edilýär. Ilkinji kosmos gämisi “Viking Landers” 1976-njy ýylda Marsa gonupdy.



# KIM HAÇAN OÝLAP TAPDY?

**Oýunjak şar.** Içine howa goýberilen dürli jisimler has irki döwürlerde peýdalanylypdyr. Ilkibaşda, malyň içegesi, derisi we howa geçirmeýän matalar içine howa goýberilip ulanylypdyr. Uçmak maksady bilen döredilen ilkinji şar uçardan has ir – 1783-nji ýylda uçurylýar. Şol ýylyň 21-nji noýabrynda Parižiň etegindäki La-Mýuett diýen ýerde Žozef-Mişel Mongolfýe (1740-1810ýý.) we Žak-Etýenn Mongolfýe (1745-1799ýý.) atly iki dogan ilkinji howa şaryny uçurýarlar. Bu uçuşa Žan-Fransua Pilatr de Rozýe atly himik hem-de Fransua Loran d’Arland atly harby gullukçy ýardam berýär. Bu uçuş adamyň howa gämisindäki ilkinji uçuşy hasaplanýar. Howa şary şäheriň üstünde 25 minut çemesi uçup, 9 kilometr uzaklykdaky Býut-o-Kaý atly ýere gonýar. Howa gämisi 900 metrden gowrak beýiklige galýar. Doganlar 1782-nji ýylyň sentýabrynda bu oýlap tapyşlaryny görkezmek üçin Wersal köşgüne çagyrylýar. Ýurduň patyşasy Lýudowik XVI we Şa zenany Mariýa-Antuanetta täsin enjamyň tanyşdyrylyşyna şaýatlyk edýärler. Bu dabara belli alym, köp oýlap tapyşyň awtory, döwlet işgäri Benjamin Franklin hem gatnaşýar. Howa şarynyň ilkinji synag uçuşynyň «ýolagçylary» guzudan, ördekden we horazdan ybarat bolýar. Bu uçuş 8 minut dowam edýär we 460 metr belende galýar. Howa şarynyň ody sönenden soňra, onuň içindäki howa sowap, 3,2 kilometr uzaklyga gonýar.

Mälim bolşy ýaly, islendik zat gyzanynda onuň göwrümi giňeýär we massasy ýeňleýär. Bu ýagdaý gazlara hem degişli bolup, howa hem gyzan ýagdaýynda ýeňleýär. Şeýle bolansoň içinde atmosferadaky howadan has ýeňil gaz bolan islendik şar ýokaryk galýar. Adatça howa göterilýän şarlar geliý, wodorod ýaly ýeňil gazlar bilen doldurylýar. Şarlar tebigy we sintetik kauçuk, lateks ýaly çeýe materiallardan öndürilýär. Ilkinji kauçuk şary 1824-nji ýylda iňlis alymy Maýkl Faradeý (1791-1867 ýý.) oýlap tapýar. Faradeýiň oýlap tapan şary häzirki wagtda çagalaryň oýnamagy üçin niýetlenen, bezeg we sowgatlyk taýýarlanýan şarlara meňzeş bolýar. Alym diňe fizika däl, himiýa degişli açyşlaryň hem awtorydyr. Şol bir wagtyň özünde pedagog bolan Faradeý wodorod bilen bagly tejribeleri geçirýän wagty ilkinji rezin şary oýlap tapýar. Ol iki bölek kauçugy birleşdirip, torba ýasapdyr we wodorod bilen çişiripdir. Şaryň ilkinji nusgasy alyma bu gazyň aýratynlyklary we Ýeriň dartyş güýji barada maglumatlary öwrenmäge mümkinçilik beripdir. Şondan soňra şaryň söwda maksatly önümçiligi ýola goýulýar.

Batbörek näçe kiçi hem bolsa, onuň uzak taryhy bolup, irki döwürlerden bäri dürli maksatlar üçin ulanylypdyr. Ilkinji uçýan enjamyň hytaýlylar tarapyndan oýlanyp tapylandygy aýdylýar. Wagtyň geçmegi bilen batbörek Aziýa ýurtlaryndan Ýewropa, Amerika we Awstraliýa ýaýrapdyr. Dürli döwürlerde batböregiň dürli görnüşleri peýda bolupdyr.

# BATBÖREK

Batbörek ylmy açyşlar etmek, meteorologiýa barlaglaryny geçirmek üçin hem peýdalanylypdyr. Ýel, basyş we howa akymy batbörek bilen ölçenipdir. Ilkinji uçary oýlap tapan doganlar Wraýtlar hem batbörekden peýdalanypdyrlar. Oýlap tapyjylar ululygy 1,5 metre barabar bolan gutudan ýasalan iki ganatly uçar şekilli batböregi uçarlaryň howada nähili dolandyrylyp bilinjekdigini öwrenmek üçin ulanypdyrlar. Şeýlelikde, uçarlaryň ýasalmagynda batböregiň uly goşandy bolupdyr. Amerikaly alym Benžamin Franklin ýyldyrymda elektrik energiýasynyň bardygyny batbörek arkaly subut edipdir. Telefony oýlap tapan Aleksandr Graýam Bell hem ylmy açyşlary üçin bu enjamy ulanypdyr. Antarktikanyň gar bilen örtülen ýerlerinde sanileri çekmek üçin hem batbörek ulanylypdyr.

Tomus paslynyň dowam edýän günlerinde wagtymyzy has şadyýan we gyzykly geçirmek üçin dürli oýunlary oýnaýarys. Eýsem, siz batbörek uçuryp gördüňizmi?! Elbetde, tehnologiýanyň ösmegi bilen häzirki wagtda batbörek ylmy maksatlar üçin ulanylmaýar. Şeýle-de bolsa bu ýönekeý gural has köp güýmenje maksady bilen ulanylýar. Hytaýda halkara batbörek festiwaly geçirilýär. Batböregi uçurmak üçin şemalyň öwüsmegine hem zerurlyk ýok. Ýeňil materialdan ýasalan batbörekler aňsatlyk bilen uçurylyp bilner. Batböregiň yzyndaky guýrujagy diňe owadanlyk üçin däl, eýsem, tizligini we deňagramlylygyny hem saklamaga ýardam edýär. Has belende galýan batbörekleriň ýüpi inçe bolsa, eliňizi kesmegi mümkin. Şol sebäpli ellik geýilse gowy bolar. Agaçlyk ýa-da elektrik geçirijileriniň golaýynda batbörek uçurmakdan gaça duruň! Ýel turan wagty bu oýnawaçlar bilen oýnamaň! Sebäbi ýyldyrym çaksa, howply bolup biler. Isleseňiz batböregiň taýýar görnüşini hem satyn alyp bilersiňiz ýa-da ony özüňiz hem ýasap bilersiňiz.

Ilki iki taýajygy şekildäki ýaly atanaklaýyn daňyp ýa-da çüýläp, birleşdiriň! Kagyzy ýere ýazyp, üstüne atanak görnüşli agajy ýerleşdiriň! Gapdallaryndan epin üçin 2 sm çemesi goýup, daşyny kesiň! Ýelim bilen kagyzy ýelimläň! Ony skoç bilen has hem berkidiň! Iki gapdalyndan ýüp daňyň! Isleseňiz halka dakyp ýüpi şoňa hem daňyp bilersiňiz. Taýýar bolan oýnawajy uçurmak üçin size biriniň kömegi gerek bolar. Siz batböregiň uzyn ýüpüniň ujundan tutup şemala tarap ylgamaly, ýoldaşyňyz bolsa, ony ýokary galdyryp, belli bir wagtdan soňra goýbermeli.

# NÄDIP ÝASAMALY?








Batböregiň ýasalyşy baradaky ilkinji maglumat hytaýly filosof Mo Diniň (Mo-szy, b.e.ö 470-391 ýý.) ýazgylarynda gabat gelýär. Filosof tagta böleginden batbörek ýasamak üçin üç ýyl sarp edipdir. Ol ýüpekden we berk material bolan bambukdan peýdalanypdyr. Ilkinji hytaý batböreklerinde ýokary galdygysaýyn ýeliň güýjüne ses çykarýan görnüşleri hem bolupdyr. Bu batbörekler hyýaly gahrymanlaryň şekili bilen bezelipdir. Ilkinji batbörekler tekiz we kwadrat şekilli bolupdyr. Häzirki wagtda bolsa, dürli şekilli, gabaraly batbörekler hem ýasalýar. Batbörekler güýmenje maksady bilen Aziýa ýurtlarynda has köp uçurylýar.

# Tomsuň tagamy



*Yssy howada iň halanýan tagamlaryň biri hem doňdurma hasaplanýar. Doňdurma iýmegi halamaýan çaga barmyka?! Eýsem, siz öýde doňdurma taýýarlap bolýandygyny bilýäňizmi?*

*Geliň, bu süýji tagamy taýýarlamagy öwreneliň!*

**IŞDÄŇIZ AÇYK BOLSUN!**



## GEREKLI ZATLAR:

- 1 käse süýt
- 1 çaý çemçesi miwe püresi ýa-da islege görä toşap
- 1 çaý çemçesi şeker
- 1 çaý çemçesi wanilýa, buz bölejikleri
- 2 sany sowadyjy torbasy (biri uly, biri kiçi)



## NÄHILI TAÝÝARLAMALY?

Uly torbany ýarysyna çenli buz bölejikleri bilen dolduryň!
Kiçi torba süýt, miwe püresini, toşap we şekeri goşup, mazaly garyň!

Kiçi torbanyň agzyny mäkäm ýapyp, buzly torbanyň içine salyp, agzyny ýapyň! Uly torbanyň içinde biraz boş ýer goýmagy unutmaň!

Bir-biriniň içine salnan torbany 10 minutlap çaýkaň! Şeýle usul arkaly bir wagtda birden köp (öýdäki adam sanyna görä) torbany hem taýýarlap bilersiňiz.



Okuw kitaplaryndan mälim bolşy ýaly, suw deňiz derejesinde 1 atmosfera basyşda nol derejede doňýar. Suwuň içine goşulýan beýleki maddalar suwuň doňmak derejesini peseldýär. Torbany çaýkanyňyzda, kiçi torbadaky süýtli garyndynyň ýylylygy uly torbadaky buza geçýär. Netijede, garyndynyň ýylylygy peselip, doňýar. Şeýlelikde, doňdurma hem taýýar bolýar. Buz bölekleri bolsa süýt garyndysyndaky ýylylygy özüne çekendigi üçin ereýär.

Bu doňdurma taýýarlananda suwuň (ýa-da başga bir suwuklygyň) suwuk we gaty halyny hem görýäris.

# Bagyşlamak

(Hekaýa)

Günlerde bir gün mugallym okuwçylara durmuş barada sapak alarlykly tejribe geçirip görmegi teklip edýär. Okuwçylar bu teklibi ikirjiňlenmän kabul edýärler. Mugallym:

– Diýmek, gepleşdik. Ertir ähliňiz ýanyňyz bilen bir kilogram kartoşka getiriň! – diýýär.

Okuwçylar bu ýumşa hiç hili düşünmedik bolsalar hem mugallymyň tabşyran ýumşuny ýerine ýetirýärler. Mugallym synpa gireninde okuwçylaryň hersiniň partasynyň üstünde düýnki sargydynyň taýýardygyny görýär. Mugallym olaryň bilesigeliji gözlerine mähirli seredip:

– Indi bolsa, şu güne çenli bagyşlamadyk her bir joraňyzyň ýa-da dostuňyzyň adyny bir kartoşka ýazyp torba salyň! – diýýär.

Käbir okuwça üç-dört sany kartoşka ýeterlik bolan bolsa, käbiri getiren kartoşkasynyň ählisine at ýazypdyr. Mugallym özüne bakýan soragly nazarlara seredip, tejribäniň ikinji şertini düşündirýär:

– Bir hepdäniň dowamynda bu torbalary ýanyňyzdan aýyrmaly däl, öýde, okuwda, ýolda hemişe ýanyňyzda bolmaly.

Aradan bir hepde geçýär. Mugallym synpa giren badyna, ýumşy birkemsiz ýerine ýetiren okuwçylar ýerli-ýerden närazylyklaryny aýdyp başlaýarlar:

"Mugallym, bu torbany hemme ýere alyp gitmek örän kyn" diýýäni haýsy, "Kartoşkalar çüýräp başlady" diýýäni haýsy. Mugallym okuwçylaryna ýylgyryp, şeýle ündew beripdir:

– Görşüňiz ýaly, biz başgalary bagyşlaman, aslynda özümizi jezalandyrýarys. Ruhumyzda agyr ýük götermäge mejbur bolýarys. Bagyşlamaga garşymyzdaky adama eglişik etmek diýip düşünýäris. Bagyşlamak, ilki bilen, özümize edýän ýagşylygymyzdyr.

***Öýke – duşmanyň, akyl – dostuň.***




**Her ýylda geçirilýän "Iň gowy bugdaý" bäsleşiginde ýene-de şol bir daýhan ýeňiji bolupdyr. Daýhandan beýle gowy hasyl almagyň syryny sorapdyrlar. Daýhan:**

**– Munuň syry özümdäki gowy bugdaý tohumyny goňşularym bilen paýlaşmakda – diýipdir. Muňa haýran galan adamlar:**

**– Öz bugdaý tohumyňyzy her ýaryşda siziň bäsdeşiňiz boljak goňşularyňyza berýäňizmi? – diýip sorapdyrlar. Daýhan:**

**– Elbetde – diýip jogap beripdir. Bu sözleri diňläp duran mähelläniň bilesigelijiligi has hem artypdyr. Olar daýhanyň ýüzüne soragly nazarlaryny dikipdirler. Daýhan:**

**– Siziň bilmeýän bir zadyňyz bar. Bugdaý maýsalary şemala ygşyldaşyp, bir-birleri bilen tozanlanýarlar. Şemal goňşy atyzdaky bugdaýlaryň tozgalaryny meniň ekin meýdanyma alyp gelýär. Ekinden gowy hasyl almak üçin olaryň gowy ekin bilen tozanlanmagy gerek. Goňşymyň ekini ýaramaz bolsa, men hem gowy hasyl alyp bilmerin. Şol sebäpli goňşularymyň gowy hasyl almagyna men hem kömek edýärin – diýipdir.**

***Ýagşynyň ýagşa ýeter hümmeti,***
***Ýamanyň ýagşa ýeter minneti.***



# Kerwen

**Oýnuň oýnaljak ýeri.** Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde oýnalýar.

**Oýna taýýarlyk.** Oýunçylar sanawaç sanaşyp, bije atyşyp, birini it saýlaýarlar. Galan oýunçylar düýe bolup, özlerine kerweni çeker ýaly kerwenbaşy belleýärler. Şondan soň düýeler kerweniň yzyndan bir-biriniň bilinden tutuşyp, meýdançanyň bir gyrasynda durýarlar. Ýarak it bolsa meýdançanyň ortasynda ýatýar. Oýna 10–15 oýunçy gatnaşýar. Meýdançada pellehanalary aňladýan iki sany garşylyklaýyn çyzyk çyzylýar.

**Oýnuň oýnalyşy.** Ýolbaşçynyň rugsady bilen kerwen (obanyň çetinden) pellehanadan pellehana tarap ýöräp ugraýar, şol wagt meýdançanyň ortasynda ýatan ýarak it kerwene tarap okdurylýar. Kerwenbaşy öz düýelerini ite ýardyrman, ýetdirmän, tutdurman, her dürli hereketler, tilsimler edip, pellehana çenli gaçýar. It kerweniň yzyndan ylgap, düýeleri tutup, alyp galmaga synanyşýar. Eger it düýeleriň hemmesini pellehana çenli kerwenbaşydan üzüp, alyp galyp bilse, onda ilkinji aýrylan düýe it bolýar we oýun täzeden başlanýar. Eger-de it kerwenbaşydan düýeleriň hemmesini aýryp bilmese, onda itligine galyp, oýun ýene-de dowam etdirilýär.



# Jenga diňi

Isle ýeke özüň, isle-de köplük bilen oýnap bolýan bu oýunda ilki agaç bölejiklerinden diň ýasamaly. Dörtburç şekilli uzyn agaçlary üç-üçden üst-üstüne, her setirini beýlekisiniň keseligine ýerleşdirmeli. Örän gyzykly bolan bu oýun ünslüligi we ukyby talap edýär. Agaç bölejiklerini kim düzen bolsa, şol hem oýna başlamaly. Köp bolup oýnalýan bolsa, oýunçylar sagat diliniň ugruna görä gezekli-gezegine oýnamaly. Oýunçynyň gezegi gelende, bir tagta bölejigini çekip alyp, ony diňiň üstüne ýerleşdirmeli. Oýnuň esasy şerti ellän tagtajygyňy almaly we ony diňe bir eliň bilen çekmeli. Iň ýokarky "gatdan" tagta almak bolmaýar. Tagtajyk alnan wagty ýa-da ýokary goýlan wagty diňi kim ýyksa, şol hem ýeňilýär. Ýeňlen oýunçy diňi düzüp bermeli we oýundan çykmaly. Adatça, bu oýunda 54 tagta bölejigi bolup, olaryň ölçegi 1,5 sm × 2,5 sm × 7,5 sm bolýar. Ýagny her tagtanyň uzynlygy, onuň ininiň üç essesine we galyňlygynyň 5 essesine deň bolýar. Oýnuň has uly ýa-da kiçi hem-de has köp tagtadan ybarat görnüşleri hem bar.

Jenga oýny "Oxford Games Ltd" iňlis şereketiniň esaslandyryjylarynyň biri Lesli Skott tarapyndan 1970-nji ýyllarda döredilýär. Ol bu oýny çagalyk ýyllarynda Gananyň Sekondi-Takoradi şäherinde ýaşaýan wagty oýnan oýny esasynda döredipdir. "Jenga" sözi hem swahili dilindäki "kujenga" ("gurmak üçin") sözünden emele gelipdir. 1982-nji ýylda oýnawajyň önümçiligine başlanýar. Lesli Skott 1983-nji ýylda Londonda geçirilen oýnawaç sergisinde bu oýny "Jenga" ady bilen tanyşdyrýar.



ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA

TÜRKMENISTAN